Dünýäniň iň gadymy halklarynyň biri bolan türkmen halky özüniň müňýyllyklara uzaýan taryhy geçmişinde dünýä genji-hazynasyna öwrülen medeni we sungat eseriniň ýüzlerçesini döretdi. Ajaýyp medeni gymmatlyklarymyzyň biri hem gözbaşyny adamzat taryhynyň iňňän gadymy döwürlerinden alyp gaýdýan haly sungatydyr. Türkmen halylarynyň gözelligi bu gün – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsan ruhuny ganatlandyrýar, baý öwüşginli reňkleri, nagyşlary jana rahat beriji saz bolup ýaňlanýar.

Türkmen halysyna salynýan her bir nagyş öz boluşly bir manyny aňladýar. Zemin gözelligini emele getirýän nagyşlar bir-birinden owadan, nepis bolup, olar hala çitilende adamyň gül ýaly ýaşap, ösüp-örňäp gitmegi dileg edilip ähli umyt arzuwlary siňdirilýär. Merdana türkmen halky özüniň begenjini, şatlygyny, buýsanjyny hem köňül hasratyny siňdiren ajap halysyny agzybirligiň ajap tugy edinip, dünýä ýüzüne çykandyr. Milletimiziň inçe senediniň şöhrat-şanyny has-da belende götermek, onuň at-owazasyny dünýä ýaýmak boýunça alnyp barylýan işleriň özeninde milli buýsanç ýatandyr.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda türkmen halkynyň milli buýsanjy bolan inçeden nepis haly sungatyna aýratyn üns berilýär, haly sungatyny ösdürmek babatda ägirt uly işler amala aşyrylýar, milletimiziň ruhy hem-de maddy medeniýetiniň gadymy däplerini özünde jemleýän haly sungaty täzeden dikeldilýär.

Milli buýsanjymyz bolan halylar barada söhbet açanyňda türkmen halylary özüniň berkligi, dokalyşynyň nepisligi, nagyş we reňk öwüşginleriniň aýratynlygy bilen dünýä ýurtlaryny haýrana goýýan halylaryndan tapawutlanýandygy, olaryň dürli görnüşleri : düýphaly, ojakbaşy, çuwal, torba, gapylyk, ýaly öý bezegi hököminde giňden ulanylýandygy, şeýle-de gelin-gyzlar üçin niýetlenip dokalan ýantorba, gapjyk görnüşlerini göterýärler. Kimiň elinde görseň-de, örän nepislik bilen dokalan sungat haýrana goýýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň haly sungatyna bagyşlap ýazan “Janly rowaýat” hem-de “Arşyň nepisligi” atly kitaplarynda hem türkmen halysynyň waspy giňden beýan edilýär.

Häzirki döwürde içerki we daşarky bazarlarda ýokary hilli haly önümlerine bolan uly islegi kanagatlandyrmak wezipeleri bilen bir hatarda, haly dokamagyň milli däpleri goralyp saklanýar, gadymy nusgalar hem-de nagyşlar dikeldilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başlangyçlary bilen halyçylyk pudagynyň önümçilik düzümi döwrebaplaşdyrylýar, ýurdumyzyň şäherlerinde, obalarynda täze fabrikler gurulýar hem-de işe girizilýär. Halyçy gelin-gyzlar üçin amatly şertler döredilýär.

Şeýle gymmatlyklarymyzyň täzeden dikeldilmegi we halyçylyk sungatymyzyň has-da ösdürilmegi ugrunda taýsyz tagallalar edýän Arkadagly Serdarymyza çäksiz alkyş aýdýarys!

Все права защищены

**Meñlibibi GUDYBAŞOWA**
**Türkmenistanyñ inžiner tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyñ talyby**

Все права защищены